Türkmenistanyň Adalat ministrligi tarapyndan 2012-nji ýylyň 6-njy martynda 633 san bilen bellige alyndy

Türkmenistanyň Maliýe ministriniň 2012-nji ýylyň 8-nji fewralyndaky № 12-Ö buýrugy bilen tassyklandy

# Täjirçilik kärhanalary üçin maliýe hasabatlylygynyň milli standarty 26

# „BILELIKDÄKI IŞE GATNAŞMAK“

**Mazmuny** **Bölümleriň №**


Umumy düzgünler ............................................................... 1-2
Kesgitlemeler ....................................................................3
Bilelikdäki işiň görnüşleri....................................................4-29
Deň ölçegli jebislendirmek...................................................30-41
Bilelikdäki işi amala aşyrmagyň barşynda
käbir amallary görkezmek......... ..........................................42-46
Maglumaty açmak ...............................................................47-50
Güýje girýän senesi ...............................................................51


## UMUMY DÜZGÜNLER

1. Şu standart bilelikdäki işiň gurluşyna we görnüşlerine garamazdan, bilelikdäki işe gatnaşyjylaryň we maýa goýumçylaryň bilelikdäki işe gatnaşma paýlaryny hasaba almak we olaryň maliýe hasabatlylygynda bilelikdäki kärhananyň aktiwleri, borçnamalary, girdejileri we çykdajylary boýunça hasabatlylyk üçin ulanylýar. Emma, ol bilelikde gözegçilik edilýän kärhanalarda bilelikdäki işe gatnaşyjylaryň:

a) töwekgelçilikli maýasy bolan kärhanalara; ýa-da

b) bilelikdäki gaznalara, paýly maýa goýum gaznalaryna we maýa goýum ätiýaçlandyryş gaznalaryny goşmak bilen, şoňa meňzeş gurluşlara degişli paýlar babatynda ulanylmaýar.

2. Bilelikde gözegçilik edilýän kärhanalarda gatnaşma paýy bolan, bilelikdäki işe gatnaşyjy şu aşakdaky şertleriň ýerine ýetirilen halatynda deň ölçegli jebislendirme talaplaryny ýerine ýetirmekden boşadylýar:

a) şunuň ýaly paý "Ýerlemek üçin niýetlenen uzak möhletli aktiwler" MHMS-na laýyklykda, ýerlemek üçin niýetlenen topara bölünen bolsa;

b) "Jebislendirilen maliýe hasabatlylygyny bermek" MHMS-ynda göz öňünde tutulan, bilelikde gözegçilik edilýän kärhanada maýa goýumy bolan düýp kärhana jebislendirilen maliýe hasabatlylygyny tabşyrmazlyga mümkinçilik berýän kadadan çykma ulanarlykly bolsa;

ç) ýa-da şu ähli aşakdakylar ulanarlykly bolsa:

bilelikdäki işe gatnaşyjy beýleki bir kärhananyň doly ýa-da bölekleýin eýeçiliginde bolýan golçur kärhana bolup durýan bolsa, onuň eýeleri, şol sanda başga ýagdaýlarda ses bermek hukugy bolmadyk eýeleri maýa goýumçynyň deň ölçegli jebislendirmäni ulanjakdygy barada habarly we oňa garşy däl bolsalar;

bilelikdäki işe gatnaşyjynyň bergi ýa-da paý gurallary açyk bazarda dolanyşykda bolmaýan bolsa (içerki ýa-da daşary ýurtlaryň gazna biržasynda ýa-da ýerli we sebitlerdäki bazarlary goşmak bilen, biržadan daşary bazarda);

bilelikdäki işe gatnaşyjynyň ahyrky ýa-da islendik aralyk düýp kärhanasy maliýe hasabatlylygynyň milli we (ýa-da) halkara standartlarynyň talaplaryna laýyk gelýän, açyk elýeter bolan jebislendirilen maliýe hasabatlylygyny çykarýan bolsa.

## KESGITLEMELER

3. Şu standartda şu adalgalar görkezilen manylarynda ulanylýar:

**Gözegçilik** – kärhananyň işinden peýda almak maksady bilen, onuň maliýe we amallar syýasatyny kesgitlemek hukugy.

**Bilelikdäki işe maýa goýumçy** - bilelikdäki işiň bir tarapy, ol bu bilelikdäki işe bilelikde gözegçilik etmeýär.

**Bilelikdäki gözegçilik** - şertnamada görkezilen, ykdysady işe gözegçiligiň bölünişi; bilelikdäki gözegçilik diňe strategik maliýe we amallar baradaky çözgütler bu ykdysady işe bilelikde gözegçilik edýän (ýagny, bilelikdäki telekeçilige gatnaşyjy) ähli taraplaryň biragyzdan goldamagyny talap edýän ýagdaýynda bolup biler.

**Bilelikdäki iş** - bu şertnamalaýyn ylalaşyk bolup, oňa laýyklykda iki ýa-da ondan köp tarap bilelikde gözegçilik etmek şerti bilen ykdysady işi amala aşyrýar.

**Deň ölçegli jebislendirmek** – bu hasaba alyş usuly bolmak bilen, oňa laýyklykda bilelikdäki işe gatnaşyjynyň bilelikde gözegçilik edilýän kärhananyň aktiwlerindäki, borçnamalaryndaky, girdejilerindäki we çykdajylaryndaky paýy bilelikde işe gatnaşyjynyň maliýe hasabatynda meňzeş maddalarda setirleýin utgaşdyrylýar ýa-da onuň maliýe hasabatlylygynda maddalaryň aýratyn setirleri bilen görkezilýär.

**Aýratyn maliýe hasabatlylygy** – düýp kärhana, assosirlenen kärhananyň maýa goýumçysy ýa-da bilelikde gözegçilik edilýän kärhananyň gatnaşyjysy tarapyndan düzülýän maliýe hasabatlylygy, onda maýa goýumlary maliýe netijeleri barada hasabatda görkezilenleriň we maýa goýum obýektleriniň arassa (sap) aktiwleriniň esasynda däl-de, maýadaky gönüden-göni paýyň esasynda hasaba alynýar. Golçur kärhanasy, assosirlenen kärhanasy we bilelikde gözegçilik edilýän kärhanada gatnaşma paýy bolmadyk kärhananyň maliýe hasabatlylygy aýratyn maliýe hasabatlylygy bolup durmaýar.

**Degerli täsir** – bu kärhananyň maliýe we önümçilik syýasaty boýunça çözgütleriniň kabul edilmegine gatnaşmak mümkinçiligidir, ýöne bu syýasata gözegçilik etmek däldir. Degerli täsiri paýçy hökmünde eýelik etmegiň kömegi bilen, tertipnama boýunça ýa-da ylalaşyk boýunça gazanyp bolar.

**Bilelikdäki işe gatnaşyjy** – bu bilelikdäki iş hakynda şertnama boýunça tarap bolup, bu işe bilelikde gözegçiligi amala aşyrýar.

## BILELIKDÄKI IŞIŇ GÖRNÜŞLERI

4. Bilelikdäki iş dürli görnüşlerde we gurluşlarda amala aşyrylyp bilner. Şu standart esasy üç görnüşi – bilelikde gözegçilik edilýän amallary, bilelikde gözegçilik edilýän aktiwleri we bilelikde gözegçilik edilýän kärhanalary kesgitleýär, olar umumylykda bilelikdäki iş diýip atlandyrylýar we bilelikdäki işiň kesgitlemesine laýyk gelýär. Aşakdaky häsiýetnamalar bilelikdäki işiň ähli görnüşlerine mahsusdyr:

a) iki ýa-da ondan köp kärhananyň şertnamalaýyn ylalaşyk bilen baglanyşykly bolmagy;

b) şertnamalaýyn ylalaşygyň bilelikdäki gözegçiligi bellemegi.

5. Bilelikdäki gözegçilik maýa goýum obýektini hukuk taýdan üýtgedip gurmagyň barşynda ýa-da onuň batan wagtynda aýrylyp bilner ýa-da onuň serişdeleri telekeçä geçirmek mümkinçiliklerine degişli uzak möhletli berk çäklendirmeler şertinde hereket edýär. Eger bilelikdäki gözegçilik dowam edýän bolsa, bu wakalar öz-özünden şu standarta laýyklykda bilelikdäki işe gatnaşmagy hasaba almakdan ýüz öwürmek üçin ýeterlik esas bermeýär.

6. Şertnamalaýyn ylalaşygyň bolmagy bilelikdäki gözegçiligi göz öňünde tutýan gatnaşma paýyny maýa goýumçynyň degerli täsiri bolan, assosirlenen kärhana goýulýan maýa goýumlardan tapawutlandyrýar. Esasynda bilelikdäki gözegçiligi ýola goýmak hakynda şertnamalaýyn ylalaşyk bolmadyk iş şu standartyň maksatlarynda bilelikdäki iş diýip ykrar edilmeýär.

7. Şertnamalaýyn ylalaşygyň subutnamasy, mysal üçin, bilelikdäki işe gatnaşyjylaryň arasyndaky şertnama ýa-da olaryň arasynda geçirilen gepleşikleriň teswirnamasy bolup biler. Käbir ýagdaýlarda ylalaşyk bilelikdäki işiň tertipnamasyna ýa-da beýleki esaslandyryş resminamalaryna goşulýar. Onuň görnüşine garamazdan, şertnamalaýyn ylalaşyk, düzgün bolşy ýaly, ýazmaça görnüşde resmileşdirilýär we şu aşakdaky meselelere degişli bolýar:

a) bilelikdäki işe, onuň dowamlylygyna we hasabatlylyk boýunça borçnamalara;

b) bilelikdäki işiň direktorlar geňeşini ýa-da şonuň ýaly ähmiýeti bolan dolandyryş edarasyny bellemäge we bilelikdäki işe gatnaşyjylaryň ses bermek hukuklaryna;

ç) bilelikdäki işe gatnaşyjylaryň maýa goşan gatançlaryna; we

d) bilelikdäki işe gatnaşyjylaryň arasynda önümçiligiň möçberleriniň, girdejiniň, çykdajylaryň ýa-da bilelikdäki işiň netijeleriniň paýlanyşyna.

8. Şertnamalaýyn ylalaşyk bilelikdäki işe gözegçiligi belleýär. Şunuň ýaly talap bilelikdäki işe gatnaşyjylaryň hiç biriniň bu işe ýeke-täk gözegçiligi bellemek mümkinçiliginiň bolmajakdygyny kepillendirýär.

9. Şertnamalaýyn ylalaşyk bilelikdäki işe gatnaşyjylaryň birini bilelikdäki işiň ýolbaşçysy ýa-da dolandyryjysy hökmünde kesgitläp biler. Ýolbaşçynyň bilelikdäki işe gözegçilik etmek hukugy ýokdur, ol şertnamalaýyn ylalaşyga

laýyklykda, bilelikdäki işe gatnaşyjylaryň arasynda ylalaşylan we emeldar hökmünde özüne ynanylan maliýe we amal syýasatynyň çäklerinde hereket edýär. Eger ýolbaşçynyň ykdysady işiň maliýe we amal syýasatyny dolandyrmaga ygtyýary bar bolsa, ol bu işe gözegçilik edýär we ol iş bilelikdäki iş däl-de, onuň golçur kärhanasy bolup durýar.

## Bilelikde gözegçilik edilýän amallar

10. Bilelikdäki işiň käbir görnüşleriniň amallary korporasiýalary, şereketleri ýa-da başga bir kärhanany ýa-da bilelikdäki işe gatnaşyjylardan aýratyn maliýe gurluşyny döretmegi däl-de, bilelikdäki işe gatnaşyjylaryň aktiwlerini we gaýry serişdelerini peýdalanmagy göz öňünde tutýar. Bilelikdäki işe her bir gatnaşyjy özüniň esasy serişdelerini peýdalanýar we öz ätiýaçlyklaryny döredýär. Şeýle hem öz çykdajylaryny we borçnamalaryny onuň özi çekýär we özünden maliýe serişdelerini alýar, bu bolsa onuň öz borçnamalary bolup durýar.

11. Bilelikdäki iş bilelikdäki işe gatnaşyjynyň özüniň şoňa meňzeş işi bilen ugurdaş, onuň hakyna tutulan işgärleri tarapyndan amala aşyrylyp bilner. Bilelikdäki işi döretmek hakynda ylalaşyk adatça serişdeleri göz öňünde tutýar, bu serişdeleriň kömegi bilen bilelikdäki önümi ýerlemekden alnan düşewünt we bilelikde çekilen islendik çykadajylar bilelikdäki işe gatnaşyjylaryň arasynda bölünýär.

12. Bilelikdäki işe iki ýa-da ondan köp gatnaşyjynyň bilelikde anyk bir önümi öndürmek, satmak we ýaýratmak üçin öz amallaryny, serişdelerini birleşdirýän ýagdaýy bilelikde gözegçilik edilýän işiň mysaly bolup durýar. Bilelikdäki işe her bir gatnaşyjy önümçilik işiniň özüne degişli bölegini amala aşyrýar. Bilelikdäki işe gatnaşyjynyň her biri öz harajatlaryny özi çekýär we harytlary ýerlemekden alnan düşewündi we özüniň paýyny alýar, bu paý şertnamalaýyn ylalaşyga laýyklykda kesgitlenilýär.

13. Bilelikdäki işe gatnaşyjynyň her biri özüniň bilelikde gözegçilik edilýän aktiwlerindäki gatnaşma paýy babatynda şu aşakdakylary özüniň maliýe hasabatlylygynyň aýratyn görnüşlerinde ykrar etmäge borçlydyr:

a) özüniň gözegçilik edýän aktiwlerini we bar bolan borçnamalaryny;

b) çekilen çykdajylary we özüniň bilelikdäki işde öndürilen harytlary ýa-da hyzmatlary ýerlemegiň netijesinde alynýan girdejidäki paýyny.

14. Aktiwleriň, borçnamalaryň, girdejileriň we çykdajylaryň bilelikdäki işe gatnaşyjynyň maliýe hasabatlylygynda eýýäm ykrar edilendigi sebäpli, bu maddalar üçin mundan beýläk düzediş girizmek ýa-da jebislendirilen hasabat berlende jebislendirmek boýunça beýleki işleri geçirmek talap edilmeýär.

15. Bilelikdäki işiň özi üçin aýratyn hasaba alyş ýazgylary talap edilmän biler, edil şonuň ýaly maliýe hasabatlylygy hem düzülmän biler. Emma, telekeçiler bilelikdäki işiň netijelerine baha bermek üçin dolandyryş hasaplaryny düzüp bilerler.

**Bilelikde gözegçilik edilýän aktiwler**

16. Bilelikdäki işiň käbir görnüşleri bilelikdäki gözegçiligiň bolmagyny, köplenç ýagdaýda bolsa bilelikdäki işiň bähbitleri üçin geçirilen ýa-da satyn alnan we bilelikdäki işiň maksatlaryna ýetmek üçin niýetlenen bir ýa-da birnäçe aktiwlere bilelikdäki işe gatnaşyjylar tarapyndan bilelikde eýeçilik edilmegini göz öňünde tutýar. Bu aktiwler bilelikdäki işe gatnaşyjylar tarapyndan peýda almak üçin peýdalanylýar. Bilelikdäki işe her bir gatnaşyjy özüniň aktiwler bilen öndürilen önümdäki paýyny alyp biler we bilelikdäki işe her bir gatnaşyjy çykdajylaryň şertleşilen bölegini çekýär.

17. Bilelikdäki işiň şunuň ýaly görnüşleri korporasiýalary, şereketleri ýa-da başga bir kärhanany ýa-da bilelikdäki işe gatnaşyjylardan aýratyn maliýe gurluşyny döretmegi talap etmeýär. Bilelikdäki işe her bir gatnaşyjy geljekki ykdysady peýdalardaky paýyna özüniň bilelikde gözegçilik edilýän aktiwdäki paýynyň üsti bilen gözegçilik edýär.

18. Nebit, gaz çykaryjy pudakdaky kärhanalaryň köpüsi, şeýle hem mineral çig mal çykarýan kärhanalar bilelikde gözegçilik edilýän aktiwleri peýdalanýarlar. Mysal üçin, nebit kärhanalarynyň birnäçesi nebit geçirijä bilelikde gözegçilik edip we ony ulanyp bilerler. Her bir kärhana nebit geçirijini öz önümini daşamak üçin peýdalanýar, onuň ýerine bolsa bu nebit geçirijini peýdalanmak boýunça çykdajylaryň şertleşilen bölegini çekýär. Bilelikde gözegçilik edilýän aktiwleriň ýene bir mysaly iki kärhananyň emläge bilelikde gözegçilik etmegi bolup durýar, şunda her birine alynýan kärende töleginiň bir bölegi degişli bolup, olaryň her biri çykdajylaryň degişli bölegini çekýär.

19. Bilelikdäki işe gatnaşyjy bilelikde gözegçilik edilýän aktiwlerdäki gatnaşma paýy babatynda özüniň maliýe hasabatlylygynda şulary ykrar etmäge borçlydyr:

a) şol aktiwleriň häsiýetine baglylykda topara bölünen, bilelikde gözegçilik edilýän aktiwlerdäki öz paýyny;

b) özüniň kabul eden islendik borçnamalaryny;

ç) bilelikdäki işe beýleki gatnaşyjylar bilen bir hatarda, bilelikdäki iş babatynda islendik borçnamalardaky paýyny;

d) bilelikdäki iş bilen baglanyşykly çekilen islendik çykdajylardaky öz paýy bilen birlikde, bilelikdäki işin netijesinde öndürilen önümdäki öz paýyny ýerlemekden ýa-da peýdalanmakdan alnan islendik girdejini;

e) özüniň bilelikdäki işdäki gatnaşma paýy babatynda çeken islendik çykdajylaryny.

20. Bilelikde gözegçilik edilýän aktiwlerde özüniň gatnaşma paýy babatynda bilelikdäki işe her bir gatnaşyjy şu aşakdakylary özüniň hasaba alyş ýazgylaryna goşýar we özüniň maliýe hasabatlylygynda ykrar edýär:

a) maýa goýum hökmünde däl-de, şol aktiwleriň häsiýetine baglylykda topara bölünen, bilelikde gözegçilik edilýän aktiwlerdäki öz paýyny. Mysal üçin, bilelikde gözegçilik edilýän nebit geçirijidäki paý esasy serişdeler hökmünde topara bölünýär;

b) özüniň kabul eden islendik borçnamalaryny, mysal üçin, aktiwlerdäki öz paýyny maliýeleşdirmek babatynda borçnama. Bilelikdäki işe beýleki gatnaşyjylar bilen bir hatarda, bilelikdäki iş babatynda islendik borçnamalardaky paýyny;

ç) bilelikdäki iş bilen baglanyşykly çekilen islendik çykdajylardaky paýy bilen birlikde, bilelikdäki işin netijesinde öndürilen önümdäki öz paýyny ýerlemekden ýa-da peýdalanmakdan alnan islendik girdejini;

d) özüniň bilelikdäki işdäki gatnaşma paýy babatynda çeken islendik çykdajylaryny, mysal üçin, bilelikdäki işe gatnaşyjynyň aktiwlerdäki paýyny maliýeleşdirmek we öndürilen önümdäki öz paýyny ýerlemek bilen baglanyşykly çykdajylar.

21. Bilelikde gözegçilik edilýän aktiwleri hasaba almagyň tertibi bilelikdäki işiň mazmunyny we ykdysady taýdan adalatlylygy, düzgün bolşy ýaly, hukuk görnüşini görkezýär. Bilelikdäki işiň özi üçin aýratyn hasaba alyş ýazgylary bilelikdäki işe gatnaşyjylar tarapyndan bilelikde çekilen çykdajylar bilen çäklendirilip bilner we ahyr netijede ylalaşylan gatnaşma paýlaryna laýyklykda olaryň arasynda paýlanylyp bilner. Bilelikdäki işiň maliýe hasabatlylygy düzülmän hem biler, emma, telekeçiler özlerine bilelikdäki işiň netijelerine baha bermäge mümkinçilik berýän dolandyryş hasaplaryny taýýarlap bilerler.

**Bilelikde gözegçilik edilýän kärhanalar**

22. Bilelikde gözegçilik edilýän kärhana – bu bilelikdäki iş bolup, ol korporasiýalaryň, şereketleriň ýa-da onda bilelikdäki işe gatnaşyjynyň her biriniň gatnaşma paýy bolan başga bir kärhananyň döredilmegini göz öňünde tutýar. Şunuň ýaly kärhana edil beýleki kärhanalar ýaly işleýär, bir tapawutly ýeri onda bilelikdäki işe gatnaşyjylaryň arasyndaky şertnamalaýyn ylalaşyk onuň ykdysady işine bilelikdäki gözegçiligi belleýär.

23. Bilelikde gözegçilik edilýän kärhana bilelikdäki işiň aktiwlerine gözegçilik edýär, borçnamalary alýar, çykdajy çekýär we peýda alýar. Ol bilelikdäki işiň bähbitlerini göz öňünde tutup, öz adyndan şertnamalary baglaşyp we maliýe serişdelerini alyp biler. Bilelikde gözegçilik edilýän kärhanalaryň käbiri bilelikdäki işiň netijesinde alnan önümi paýlaşmagy göz öňünde tutýan hem bolsa, bilelikdäki işe her bir gatnaşyjynyň bilelikde gözegçilik edilýän kärhananyň peýdalarynyň bir bölegine hukugy bardyr.

24. Iki kärhananyň degişli aktiwleri we borçnamalary bilelikde gözegçilik edilýän kärhana bermek ýoly bilen öz işini anyk ugurda birleşdirýän ýagdaýlary bilelikde gözegçilik edilýän kärhananyň aýdyň mysaly bolup durýar. Muňa ýene bir mysal, kärhananyň başga bir ýurtda hökümet ýa-da şol ýurduň başga bir agentligi bilen şol kärhananyň, hökümetiň ýa-da agentligiň bilelikdäki gözegçiliginde bolýan aýratyn kärhanany döretmek ýoly arkaly öz işine başlaýan ýagdaýy bolup durýar.

25. Bilelikde gözegçilik edilýän kärhanalaryň köpüsi bilelikde gözegçilik edilýän amallar ýa-da bilelikde gözegçilik edilýän aktiwler diýlip atlandyrylýan kärhanalara meňzeşdir. Mysal üçin, telekeçiler, salgyt ýa-da beýleki sebäplerden ugur almak bilen, bilelikde gözegçilik edilýän aktiwleri, ýagny, nebit geçiriji ýaly

aktiwi, bilelikde gözegçilik edilýän kärhana öwrüp bilerler. Edil şonuň ýaly, telekeçiler bilelikde gözegçilik edilýän kärhana bilelikde ulanyljak akitiwleri geçirip bilerler.

26. Bilelikde gözegçilik edilýän amallaryň käbiri işiň anyk ugurlaryny amala aşyrmak, mysal üçin, önümi işläp taýýarlamak, ýerlemek, ýaýratmak ýa-da satylandan soň hyzmat etmek üçin bilelikde gözegçilik edilýän kärhananyň döredilmegini göz öňünde tutýar.

27. Bilelikde gözegçilik edilýän kärhana özüniň buhgalterçilik kitaplaryny ýöredýär, edil beýleki kärhanalar ýaly, maliýe hasabatlylygynyň milli standartlaryna laýyklykda maliýe hasabatlylygyny düzýär we tabşyrýar.

28. Bilelikdäki işe her bir gatnaşyjy adatça, bilelikde gözegçilik edilýän kärhana pul serişdelerini ýa-da beýleki serişdeleri goýýar. Bu goýumlar bilelikdäki işe gatnaşyjynyň hasaba alyş ýazgylaryna geçirilýär we onuň maliýe hasabatlylygynda bilelikde gözegçilik edilýän kärhana maýa goýum hökmünde ykrar edilýär.

29. Bilelikdäki işe gatnaşyjy özüniň bilelikde gözegçilik edilýän kärhanadaky gatnaşma paýyny özüniň maliýe hasabatlylygynda deň ölçegli jebislendirmek usulyny peýdalanmak bilen ykrar etmäge borçlydyr.

## DEŇ ÖLÇEGLI JEBISLENDIRMEK

30. Deň ölçegli jebislendirmegiň ulanylmagy bilelikdäki işe gatnaşyjynyň maliýe ýagdaýy barada hasabatyň onuň bilelikde gözegçilik edýän aktiwlerindäki paýyny we onuň bilelikde jogapkärçilik çekýän borçnamalaryndaky paýyny öz içine alýandygyny aňladýar. Bilelikdäki işe gatnaşyjynyň jemi peýda barada hasabaty onuň bilelikde gözegçilik edilýän kärhanasynyň girdejilerindäki we çykdajylaryndaky paýyny öz içine alýar. Deň ölçegli jebislendirmegiň ulanylmagy üçin laýyk gelýän köp düzgünler "Jebislendirilen maliýe hasabatlylygyny bermek" MHMS-nda bellenen, golçur kärhanalara goýlan maýa goýumlary jebislendirmegiň düzgünlerine meňzeşdir.

31. Deň ölçegli jebislendirmegi amala aşyrmak üçin hasabatlylygyň dürli biçüwleri peýdalanyp bilner. Bilelikdäki işe gatnaşyjy bilelikde gözegçilik edilýän kärhananyň aktiwleriniň, borçnamalarynyň, girdejileriniň we çykdajylarynyň her birindäki paýyny özüniň maliýe hasabatlylygynda meňzeş maddalarda setirleýin birleşdirip biler. Mysal üçin, bilelikde gözegçilik edilýän kärhananyň ätiýaçlyklaryndaky öz paýyny öz ätiýaçlyklary we bilelikde gözegçilik edilýän kärhananyň esasy serişdelerindäki öz paýyny özüniň esasy serişdeleri bilen birleşdirip biler.

32. Başga bir ýagdaýda, bilelikdäki işe gatnaşyjy bilelikde gözegçilik edilýän kärhananyň aktiwlerindäki, borçnamalaryndaky, girdejilerindäki we çykdajylaryndaky özüniň paýyna degişli aýry-aýry maddalary özüniň maliýe hasabatlylygyna goşup biler. Mysal üçin, ol bilelikde gözegçilik edilýän kärhananyň gysga möhletli aktiwindäki öz paýyny özüniň gysga möhletli aktiwleriniň düzüminde aýratynlykda we bilelikde gözegçilik edilýän kärhananyň

esasy serişdelerindäki öz paýyny özüniň esasy serişdeleriniň düzüminde aýratynlykda görkezip biler.

33. Hasabatlylygyň bu iki biçüwi hem peýdanyň ýa-da ýitginiň we aktiwleriň, borçnamalaryň, girdejileriň we çykdajylaryň esasy derejeleriniň her biriniň birmeňzeş möçberleriniň görkezilmegini üpjün edýär. Iki biçüw hem şu standartyň maksatlary üçin kabul ederliklidir.

34. Deň ölçegli jebislendirmek üçin haýsy biçüw peýdalanylsa-da, eger bu hasap etmegi geçirmegiň ýuridik hukugy ýok bolsa, hasap etmek hem aktiwiň ýerine ýetirilmegine ýa-da borçnamanyň üzülmegine garaşmak bolup durmaýan bolsa, beýleki aktiwleri we borçnamalary aýyrmak ýoly bilen islendik aktiwleri we borçnamalary ýa-da beýleki girdejileri ýa çykdajylary aýyrmak ýoly bilen islendik girdejileri ýa-da çykdajylary hasap etmegi geçirmek maksadalaýyk däldir.

35. Maýa goýumçy hökmünde çykyş edýän bilelikdäki işe gatnaşyjy, golçur kärhanalarda maýa goýumlarynyň bardygyna ýa-da ýokdugyna garamazdan, bilelikde gözegçilik edilýän kärhanadaky gatnaşma paýyny deň ölçegli jebislendirmek üçin maliýe hasabatlylygynyň şu iki biçüwiniň birini ulanmak bilen ykrar edýär we öz maliýe hasabatlylygyny jebislendirilen maliýe hasabatlylygy hökmünde tabşyrýar.

36. Bilelikdäki işe gatnaşyjynyň bilelikde gözegçilik edilýän kärhanadaky gatnaşma paýyny ykrar etmek bilen, bilelikdäki işiň anyk gurluşyny ýa-da görnüşini däl-de, bar bolan ylalaşygyň mazmunyny we ykdysady adalatlylygy görkezmegi möhümdir. Bilelikde gözegçilik edilýän kärhanada bilelikdäki işe gatnaşyjy bu kärhananyň aktiwlerindäki we borçnamalaryndaky gatnaşma paýynyň üsti bilen geljekki ykdysady peýdalardaky paýyna gözegçilik edýär.

37. Bilelikdäki işe gatnaşyjy bilelikde gözegçilik edilýän kärhana bilelikde gözegçilik etmek hukugyny ýitiren senesinden deň ölçegli jebislendirmegi peýdalanmagy bes etmelidir. Bu, mysal üçin, bilelikdäki işe gatnaşyjynyň özüniň gatnaşma paýyny satýan ýa-da bilelikde gözegçilik edilýän kärhana bilelikdäki işe gatnaşyjynyň mundan beýläk bilelikde gözegçilik etmegine päsgel berýän daşarky çäklendiriş çäreleri bellenen mahalynda bolup geçip biler.

38. Ýerlemek üçin niýetlenen hökmünde topara bölünen, bilelikde gözegçilik edilýän kärhanalardaky gatnaşma paýy hasaba alyşda "Ýerlemek üçin niýetlenen uzak möhletli aktiwler" MHMS-na laýyklykda görkezilmelidir.

39. Ozal ýerlemek üçin niýetlenen hökmünde topara bölünen, bilelikde gözegçilik edilýän kärhanadaky gatnaşma paýy şu hili ykrar etmegiň öçeglerini kanagatlandyrmagy bes eden mahalynda, ol ýerlemek üçin niýetlenen hökmünde topara bölünen senesinden başlap, deň ölçegli jebislendirmek usulyny peýdalanmak bilen hasaba alynmaga degişlidir. Şunuň ýaly gatnaşma paýy ýerlemek üçin niýetlenen hökmünde topara bölünen pursatyndan soňky döwürleriň maliýe hasabatlylygyna hem degişli düzediş girizilmelidir.

40. Bilelikde gözegçilik edilýän kärhananyň bilelikdäki işe gatnaşyjynyň golçur kärhanasyna öwrülen senesinden başlap, ol özüniň ondaky gatnaşma paýyny "Jebislendirilen maliýe hasabatlylygyny bermek" MHMS-na laýyklykda hasaba almaga borçlydyr.

41. Bilelikde gözegçilik edilýän kärhananyň bilelikdäki işe gatnaşyjynyň assosirlenen kärhanasyna öwrülen senesinden başlap, ol özüniň ondaky gatnaşma paýyny "Assosirlenen kärhanalara maýa goýumlar" MHMS-na laýyklykda hasaba almaga borçlydyr.

## BILELIKDÄKI IŞI AMALA AŞYRMAGYŇ BARŞYNDA KÄBIR AMALLARY GÖRKEZMEK

42. Bilelikdäki işe gatnaşyjynyň bilelikdäki işe aktiwleri geçirýän ýa-da satýan mahalynda amaldan alynýan peýdanyň ýa-da ýitginiň islendik böleginiň ykrar edilmegi şu amalyň mazmunyny görkezmelidir. Aktiwleriň bilelikdäki işde saklanýan wagtynda we bilelikdäki işe gatnaşyjynyň eýelik etmek bilen baglanyşykly ep-esli töwekgelçilikleri we hak-heşdekleri beren şertlerinde bilelikdäki işe gatnaşyjy peýdanyň diňe bilelikdäki işe beýleki gatnaşyjylaryň gatnaşma paýyna degişli bolan bölegini ykrar etmäge borçlydyr.

43. Bilelikdäki işe gatnaşyjy goýumyň ýa-da satmagyň gysga möhletli aktiwleri mümkin bolan ýerlemegiň arassa gymmatyna çenli peselendigine ýa-da gymmatyň gaçmagyndan ýitgi çekilendigine şaýatlyk edýän mahalynda islendik ýitginiň ähli pul möçberini ykrar etmäge borçlydyr.

44. Bilelikdäki işe gatnaşyjynyň bilelikdäki işiň aktiwlerini satyn alýan mahalynda, eger ol aktiwi garaşsyz tarapa satmaýan bolsa, bilelikdäki işiň bu amaldan gelýän peýdasyndaky öz paýyny ykrar etmäge haky ýokdur. Bilelikdäki işe gatnaşyjy bu amaldan çekilen ýitgidäki öz paýyny peýdadaky paýyny ykrar edişi ýaly ykrar etmelidir, ýitgileriň aktiwleri mümkin bolan ýerlemegiň arassa gymmatyna çenli peselmegi ýa-da gymmatyň gaçmagyndan çekilen ýitgi bolup durýan mahalynda olaryň haýal etmän ykrar edilýän ýagdaýlary muňa girmeýär.

45. Bilelikdäki işe gatnaşyjy bilen bilelikdäki işiň arasyndaky amalyň aktiwiň gymmatynyň gaçmagy bolup durýandygyna ýa-da durmaýandygyna baha bermek üçin bilelikdäki işe gatnaşyjy aktiwiň öwezi dolunýan gymmatyny "Aktiwleriň gymmatynyň gaçmagy" MHMS-na laýyklykda kesgitleýär. Peýdalanmagyň gymmaty kesgitlenende bilelikdäki işe gatnaşyjy aktiwden alynjak geljekki pul akymlaryna ony üznüksiz peýdalanmagyň we ony bilelikdäki işde gutarnykly ýerlemegiň esasynda baha berýär.

46. Bilelikdäki işe bir ýa-da birnäçe gatnaşyjy bilelikdäki işiň ýolbaşçysy ýa-da dolandyryjysy hökmünde hereket edip biler. Adatça bu borçlaryň ýerine ýetirilendigi üçin dolandyryş haky (gonorar) tölenýär. Bu hak bilelikdäki işde çykdajy hökmünde hasaba alynýar.

## MAGLUMATY AÇMAK

47. Bilelikdäki işe gatnaşyjy bilelikdäki işe gatnaşma paýy babatynda şu borçnamalaryň umumy pul möçberini beýleki borçnamalardan aýratynlykda görkezmäge borçlydyr:

a) bilelikdäki işe gatnaşyjynyň özüniň bilelikdäki işe gatnaşma paýlary babatynda islendik maýa goýum borçnamalaryny we onuň özü hem-de bilelikdäki işe beýleki gatnaşyjylar üçin ýüze çykan maýa goýum borçnamalaryndaky paýyny;

b) onuň bilelikdäki işiň maýa goýum borçnamalaryndaky paýyny.

48. Bilelikdäki işe gatnaşyjy degerli bilelikdäki işe gatnaşma paýlarynyň sanawyny hem-de beýanyny we bilelikde gözegçilik edilýän kärhanalarda bar bolan, eýeçilik edilýän paýlaryň gatnaşygyny görkezmäge borçlydyr.

49. Bilelikdäki işe gatnaşyjy gysga möhletli hem-de uzak möhletli aktiwleriň we borçnamalaryň, onuň bilelikdäki işe gatnaşma paýlary bilen baglanyşykly girdejiniň we çykdajylaryň her biriniň umumy möçberini açmaga borçlydyr.

50. Bilelikdäki işe gatnaşyjy bilelikde gözegçilik edilýän kärhanalarda özüniň gatnaşma paýlaryny ykrar etmek üçin peýdalanýan usullaryny açmaga borçlydyr.

## GÜÝJE GIRÝÄN SENESI

51. Maliýe hasabatlylygynyň şu standarty 2013-nji ýylyň 1-nji ýanwaryndan güýje girýär.

## Goşundy

Şu standart maliýe hasabatlylygynyň halkara standarty 31 "Bilelikdäki telekeçilige gatnaşmak" (IAS 2009) laýyklykda işlenip taýýarlanyldy, şu aşakdakylardan başgasy:

käbir bölümlere olaryň has-da düşnükli bolmagy üçin düzediş girizildi;

"paýly gatnaşmak boýunça" hasaba alyş usulyny ulanmak aýryldy;

bilelikdäki işe gatnaşyjy üçin onuň bilelikdäki işe gatnaşma paýlary bilen baglanyşykly ýüze çykyp biljek islendik şertli borçnamalar we onuň bilelikdäki işe gatnaşýan beýleki gatnaşyjylar bilen raýdaş jogap berýän şertli borçnamalarynyň her birindäki paýy baradaky maglumaty açmak hakynda düzgünler aýryldy.